# Gündelikde galanlar -20/ dowamy

Category: Goşgular,Kitapcy,Söhbetdeşlik,Sözler,Türkmen dili,Ýatlamalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gündelikde galanlar -20/ dowamy 09.08.10

Kakabaý Ylýasow:
– Pirguly Garaýewler (Pirguly Garaýew – žurnalist. Onuň ahal-teke bedewleri hakynda ýazan kitaby okyjylaryň söýgüli kitabyna öwrülipdi. Ol gönümel adamdy. Ömrüni Türkmen radiosynda we telewideniýede işledi. Gylyçmyrat Kakabaýewiň komitete başlyklyk eden gysgajyk döwründe dogry sözi üçin ýaşuly žurnalisti işinden çykarmak hakynda buýruk deripdir. Barybir P.Garaýew özüniň işden nähak çykarylandygyny subut edýär. Türkmenistan Kärdeşler birleşikleriniň bölüm ýolbaşçysy Rejepdurdy Ýazowyň adalatly çözmeginde Işine täzeden dikeldilýär. Ýaşynyň soňunda, ýaşuly žurnalistiň ýaraly ýüregi bu buýsançly habara çydam etmändi – A.Ç.) bilen goňşy ýaşadyk. Kakasy Gara Guljar, Öwezguly kör (Abdy Kulyýewiň kakasy) ikinji gezek öýlenen aýalyny kowdy, ol şony aýal edip aldy. Ol aýalyň yzynda bir ogly bardy. Gara Guljar şony urýardy. Şonda ol biziňkä gelýärdi.
Gara Guljaram, aýalam ýogaldy. Soň Abdy Kuly şol oglana kömek etdi. Abdy Kulyly wakalar çylşyrymlaşan wagty, ony horladylar. Içdi. Soň özüni asdy. Ondan bolan çagalaryňam agzy hapa.
Işan Gara frontdan maýyp bolup geldi. Woroşil obamyzda guşçulyk fermasy bardy. Şonda garawul boldy. Ol radioda meň elimde ýedi ýyl işledi. Islendik temadan ýazmaly bolsa, 15 minutda ýazyp getiräýýärdi.
– Akja Nurberdiýewa (Mejlisiň öňki başlygy – A.Ç.) teatr artisti Mama Babaýewanyň (artist Gylyç Berdiýewiň aýalydy), aýal doganynyň gyzy.
– Çary Ataýew sekterar SK-dy. Meni partiýanyň Merkezi Komitetine işe aljak bolanlarynda, kakamyň aýal dogany Aýjemal

daýzam (ol Çary Ataýewiň Kadyr diýen doganynyň aýaly, Gämide ýaşaýar eken) “Woroşildaky Ylýasyň oglumy?” diýip sorasa, “Ýok” diýiber. “Garyndaşyny işe alypdyr” diýip, gorkar – diýipdi. Çary Ata muny menden soranda: “Ýok, men onuň ogly däl” diýipdim. Ýöne ol soň muny bilip, “Häý, Kakabaý!” diýýärdi.
Bir gün ol Täşlini sorady. Täşli Moskwada okap, ýaraman geldi. “Öýde, ýaranok” diýsem, “Öýlerine bar-da gel – diýip – aýt” diýdi. Men telefonda Täşli daýymyň aýaly Amanşekere: “Çary Ataýewiç çagyrýar” diýdim. Geldi. “Türkmenistan kommunisti” žurnalynyň redaktorlygyna bellediler.
– Ýakup Annanurow bilen Gurban Wehimi doganoglan. Ýakup aga biziň goňşymyz bolup ýaşady. Ikinji aýaly Towşan daýza. Öz doganoglany. Ýarawsyzdy. Saryýagyz aýaldy. Gyzy Maraly çagaka kän göterendirin.
– Atabally Myradow biziň garyndaşymyz. (Ol köp ýyllaryň dowamynda kinostudiýada işläpdi. “Aýgytly ädim” filminiň hem direktory bolupdy – A.Ç.)

***

Şahyr Azat Rahmanow bilen şu gün agşam jaňlaşdyk. Ol 1991-nji ýylyň maýynda meniň SSSR-iň delegasiýasynyň düzüminde Owganystana gidişimi ýatlady. Dogrudanam men üç adam bolup – Belorussiýanyň Žurnalistler soýuzynyň başlygynyň orunbasary, Orsyýetden Başgyrdystan Žurnalistler soýuzynyň başlygy, respublikanyň deputaty, ýaşňyşmasam, familiýasy Hajyýewdi, hemem – Türkmen radiosynyň edebi-drama gepleşikleri redaksiýasynyň baş redaktory men SSSR döwletiniň adyndan Owganystanyň Žurnalistler soýuzy bilen hyzmatdaşlyk etmek barada şertnama baglaşypdyk. Şol şertnama menem öz golumy goýupdym. (Bu barada Prezidentiň Metbugat gullugyndan, has takygy, onuň başlygy A.Orazdurdyýewden jaň gelende, ikirjeňlenmändim. Eýsem-de bolsa, delegasiýanyň düzüminde men däl-de, menden has wezipeli adamyň bolmalydygyna indi-indi düşünip galdym),
Azat bilen şonda başga bir zadyň hem gürrüňini etdik. Azat

Rahmanow köp ýyllaryň dowamynda “Edebiýat we sugat” gazetiniň baş redaktorynyň orunbasary bolup abraýly işledi. Täçmämmet Jürdekow gazete ýolbaşçylyk eden döwri ýazyjy Berdinazar Hudaýnazarowdan redaksiýa hat gowşupdyr. Ol öz hatynyň gazetde çap edilmegini haýyş edip ýazypdyr. Hatyň mazmuny şeýle: Türkmenistan döwletiniň kasamynda “dilim lal bolsun”, “aýagym kesilsin” diýen ýaly jümleler bar. Şo döwürlerde Berdinazaryň aýagy kesilýär. (Onuň aýagy daşary ýurtda operasiýa edilýär. Megerem, Şwesiýada. Şoňa gatnaşan, ýagny onuň ýanynda giden wraç oglany men tanaýan. Muny maňa onuň özi aýdypdy.Ol meniň hem keselimden saplanmagyma ýardam beripdi).
Berdinazar aga şo döwürde il içinde ýaýran gürrüňi eşiden bolmaly. “Aýagym kesilsin” diýip ýazdy weli, aýagy kesildi” diýen ýaly bolgusyz gürrüňler.Ussadyň ýazan hatyny baş redaktor orunbasary Azat Rahmana tabşyryp, “Özi bilen gürleş” diýýär.Haty gazetde çap edip boljak däl. Azat Rahman ýazyjynyň öýüne jaň edýär. Ýazyjynyň özi bilen içgin gürleşýär. “Bu sözleri Siziň ýazmanlygyňyzy hemmämizem bilýäs. Munuň üçin biynjalyk bolmaň. Ýöne hatyňyzy gazetde çap etmegiň zerurlygy ýok” diýen ýaly gürrüň edipdir. Şondan soň Berdinazar aga aýak diräp durmandyr. “Ýöne şo haty özümde saklaýmaly ekenim” diýip, Azat aýtdy.

08. 09. 10

Ýaňy obada agamyz Mämmetýaryň ýogaldy habaryny eşitdim. Ol 1930-njy ýylda doglan bolmaly. Ýola düşmeli. Ýatan ýeriň ýagty bolsun, agam!

22.02.10 ý.

Nohur şiwesinden sözler:
1. müşlemek – hamyr ýugurmak.
2. şirimbowa – buýan köki.
3. pasmanna – hiç zat oňarmaýan aýal.
4. polakga – yzda galmak.
5. baýnyç – çaga sallançagy.
6. zamyr – ary.

7. nistnawut – ýok bolmak.
8. jyzzyh – ýumşak et.
9. jyzzyh boldy – çaganyň irginsiz çirkin aglamagy.
10. jänäzä – ejiz, gowşak.
11. lykym çykdy – ýadamak.

28.09.10

26-syna Mämmet Badaýewi ýatlap, çagalary gel-bäri etdi. Mele bilen bardyk. Nahar başynda Mämmet aganyň uly ogly Myrat “KGB-niň arhiwine üç sany ýazyja dopusk edýärdiler” diýdi. Men “Olar kimdi?” diýip sorasam, “Biri Gylyç Kulyýew, ikinjisi Rahym Esenow, üçünjisi Allaýar Çüriýewiç” diýdi. Men: “Bä-ä, men ýekeje gezek onuň arhiwinde boldum. Olam baş redaktorymyz Tirkiş Jumageldiýewiň haty bilen Hydyr Derýaýew hakdaky makala ýazypdym” diýdim. Ol:
– Allaýar Çüriýewiç Suhan Babaýew hakda üýtgeşik makala ýazdy – diýip, meni götergiledi.
Şu gün institutda Öre Daşgyn bilen Nurberdi diýen bir žurnalist oglan gürleşip duran eken. Men olar bilen görüşdim. Öre meni öz halypasy hasap etse, beýleki oglan: “Allaýar Çüriýewiç türkmen žurnalistlerine arhiw bilen nähili işleşmelidigini öwreden adam” diýdi. Belki, şeýledir!

05.10.10 (sişenbe)

Şu gün irden, Hezret Durdyýewden (alym sekretar) Semet Agaýewiň ýogalandygyny eşitdim. Ol 3 aýy kem 90 ýaşady.
Uruş weterany. Özem 1953-nji ýyldan bäri biregne institutymyzda işläpdir. Aýaly Şura – maşinistka bolup işläpdir.
Öýüne baryp hoşlaşyp gaýtdyk. (Aman Nurmuhammedow, Ahmet Mämmedow, Çary Kulyýew).

15. 10. 10.

Atajan Tagan jaň etdi. Oňa täze çap ediljek ýygynda sözbaşy ýazmagy tabşyrypdyrlar. Şonda ol ýygyndyda “Allaýar Çüriýewiň, Bäşim Ödegiň goşgulary ýok” diýse, ýygynda jogapkär

Gurbannazar Orazgulyýew: “Olar goşgularyny getirmediler” diýip ýalan sözläpdir.
Atajan maňa: “Goşgularyňy Gurban Agala ber, ýa maňa getir, Gurban şygyrlara sözbaşy ýazýar” diýdi.

20. 10. 10

Batyr Gaýybow, öňki ministr, seýsmologiýanyň direktory. Operasiýany nädogry edipdirler. Iki gezek operasiýa edilipdir. Üçünji gezegem içinde galan ýüplügi alyp, ýapypdyrlar. Bir hepdeden soňam ýogaldy. Onuň 6-njy oktýabrda (Hatyra güni) Aşgabatda ýer titremesi gününiň ýogalmagy täsin. Onuň özem ýer titremesinden ökde spesialistdi.
Ol Azat Rahmanyň gaýnydy.

Türkmen taryhyndan

1564-nji ýylda Nogaý ordasynyň hany Dinahmet Iwan Groznä ýazan hatynda “Türkmen ulusy meniň adamlarym” diýip ýazypdyr. Soň ol hatyny dowam etdirip, “Olar maňa kakamdan we atamdan miras düşen” diýýär.
Asly Maňňyşlakdan bolan 1665 sany maşgala Stawropol guberniýasynda mesgen tutunypdyr. Olar ýedisanlar (nogaýlar) hem-de galmyklar bilen bilelikde 1661–1674-nji ýyllaryň Krym hanlygyna garşy bolan söweşlere-de gatnaşypdyrlar.
Pýotr I ýörite perman çykaryp, jemboýluklar, ýedişkullar, garanogaýlar bilen bilelikde türkmenlere-de Stawropoliýanyň demirgazyk böleginde çarwaçylyk etmäge rugsat beripdir. Ýöne türkmenleriň bu meselede diňe nogaýlardan soň hereket etmelidigi permanda görkezilipdir.
Patyşa Ýekaterina Alekseýewnanyň döwründe türkmenler astrahan gubernatory Beketowyň görkezmesi boýunça türkmenleriň bir bölegi Kizlýara göçürilipdir. Ýöne soň olaryň köpüsi yzlaryna –Wolga sähralyklaryna dolanypdyrlar.
Maňňyşlakda ýaşan çowdur Bekdurdy işanyň ogly Nurmuhammet işan (ýörgünli ady Sary işan, doglan wagty 1806 ý. – A.Ç.) öz iliniň tanymal adamy hökmünde Aleksandr II-iň huzurynda-da bolupdyr.

Günbatar Türkmenistanda ýaşan atly igdir türkmenlerinden bolan Mämmetsapa Kulyýew Russiýanyň Daşary işler ministrliginiň çinownigi M. N. Galkin, 1869-njy ýylda Krasnowodskide ýerleşen rus harby otrýadynyň ýolbaşçysy Stoletow bilen hyzmatdaşlyk edipdir.
Pýotr I-niň huzurynda bolan Hojanepes hakynda kimler bilmeýär?!

***

Uzynlyk we agram birlikleri

1. Arşyn – tirsekden barmagyň ujuna çenli aralyk.
2. Tutam – 7-8 sm.
3. Garyş – 22-25 sm.
4. Gez – 45-50 sm.
5. Gary – 80 sm.
6. Ädim – 70 sm.
7. Gulaç – 180-190 sm.
8. Hada – 2 metr.
9. At gaýtarym – 3 km.
10. Parsak, farsah – 7 km. töweregi.
11. Küle – 37 metr.
12. Daban – 25-30 sm.
13. Sere – 20-22 sm.
14. Menzil – kerweniň ýarym günde geçýän aralygy.
15. Put – 16 kg.
16. Çuwal – 65-66 kg.
17. Harwar – eşegiň göterip bilýän ýüki.
18. Serwer – düýäniň göterip bilýän ýüki.
19. Gadak – 400 gram.
20. Çetber – 100 gram.
21. Mysgal – 4,25 gram, mysgalyň dörtden bir bölegine çärlek diýilýär.
22. Dirhem – 3 gram.
23. Zerre – 0,0015 gram.

23. 10. 10 ý. (şenbe)

Men şu gürrüňimi ozalky gündelik depderçelerimiň birine ýazanam bolmagym ahmal.
Bir gezek oba baranymda kakam, Nepes aga bilen otyrdyk. Kakam şonda: “Men 42 ýaşyma çenli ömrümden razy” diýip aýdanda, ýaşuly agamyz Nepes aga birhili nägile bolupdy.. Kakam şo wagtlar 50-den geçen adamdy. «Nämüçin kakam beýle diýýärkä?» diýip, hasaplap görsem, kakamyň diýýän döwri 1968-nji ýyla gabat gelýär.
Ýaňy şu hakda pikir edip oturyşyma men hem öz ömrüm hakda oýlandym-da, kakamyň diýýän ýaşyna ser saldym. Bu 1991-nji ýyla gabat geldi. Ol beýik Sowet döwletiniň ýykylan ýyly…
Şu gün daňdan Orazgül düýşüme giripdir. Öýkeläp gidipdir-dä, bir toýa gelipdir diýýän. “Ýör, öýe gideli!” diýsem, “Ýok, gitjek däl” diýip, kesgitli däl-de, degişibräk terzde aýtdy. Oýansam, sagat 7-iň ýary.

03. 11. 10 (çarşenbe)

Poliklinikada uruş weterany, general-maýor Annaoraz Çaryýewi gördüm. Horlanypdyr. “Ýüregim agyrýar” diýdi.
Öýüni ýykyp, ýerine 2 otagly jaý beripdirler. Şoňa ýüregi agyrýan bolmaly.
– Işlän ýeriň öňki ýermi? Näme täze zat ýazýaň? – diýip sorady-da, – Hiç zat etme, barybir gadyryň bilinmeýär – diýdi.
Şo wagt Sapar Öräýew bilen aýaly ýanymyza geldi. Sapar Öre:
– Bu ýaşuly öň gören ýüzüm, kim? – diýip sorady.
Men: “Uruş weterany Annaoraz Çaryýew” diýdim. Aýaly maňa habar gatyp:
– Näme ýaramaýarmysyňyz? – diýdi.

06. 11. 10. (şenbe)

Şu gün daňdanlar düýşüme kakam, Kerim Gurbannepesow, Çary Täçmämmedow dagy giripdir. Bizi suratçy Omar Sähetgylyjow surata düşürýär. Menden başgasy pahyr bolan adamlar. Aýalym Orazgülem düýşüme giripdir. Ýöne olmy, o dälmi – anyk bilemok. Gurbanjemal atamyň – Çary Balynyň salan jaýyny – myhmanhanamyzy (ýykyk-ýumruk) süpürýär eken. “Bä, otag kiçem

bolsa, bu ýerde näçe myhman bolup gitdi” diýip aýdýan ekenim. Balagymyň syrtky kisesinde ep-esli pul bar eken diýýän. Oýanýançam şony doly sanap bilemok. Wakalar Könekesirde – köne, ýöne ýykylan howlymyzda bolup geçýär diýýän.

15. 11. 10. (ýekşenbe)

Çary Aşyryň aýaly Ogulnabat gelnejäniň ýedisine bardym. Başga adamlary tanamadym. Oraz Ýagmyr Çary aganyň gyzy Gözel bilen oturan eken.
Oraz Türkiýede sekiz sany kitabynyň çykandygyny, Nury Halmämmet hakda roman ýazandygyny, Gaýgysyz Atabaý hakda 200 sahypalyk kitap ýazandygyny, “Ol hakda seniň hem beren maglumatlaryňy öz adyň bilen getirdim» diýip aýtdy. Çary aga soňky döwürde dermana pul tapmandygyny, şonuň üçinem kömek sorap Nyýazowa iki gezek hat ýazdyrandygyny (Oraz ýazypdyr) aýtdy. Gaýgysyz hakda baýramalyly 87 ýaşly bir ýaşuludan gyzykly maglumatlar alandygyny, onuň Gaýgysyzyň gizlin ilçisi bolandygyny hem aýtdy. Jüneýit han bilen ikisiniň türkmen goşunyny döretmek hakda pikiriniň bolandygyny şol ilçi aýdypdyr. Ýöne Jüneýit Gaýgysyza ynanmanmyş. Bu faktlar taryhy derňewe zerur. Näderejede onuň dogrudygyna ynanmak kyn. Ýöne Oraz onuň esassyz gürrüňlerini kitabynda ulanan bolmaga çemeli.
Haýp! Onuň ýaly şahsyýetler hakda iş ýazanyňda hakykatdan üzňe bolmaly däl. Ýogsam adamlaryň aňyny çaşyrmagyň ahmal!

23. 11. 10. (sişenbe)

Düýn Serdar jaň etdi. Öňräk Maral Sähedowna (Sähet Rejebiň gyzy) duşupdyr. Sähet aga golaýda, doglan güni bellenen güni 90 ýaşynda ýogalypdyr.
25. 11. 10

Orazdurdy Çommadow, filologiýa ylymlarynyň doktory:
– Bir gün bagyň içindäki skameýkalaryň birinde oturan Kaýum Jumaýewe „Näme, ýeke özüň otyrsyň?” diýip habar gatdym. Ol:
– Aý, Hudaý bilen sögüşip otyryn – diýdi.

– Gaty ýokary çykypsyň-la. Kaýum aga, sögüşer ýaly ýerde adam ýokmy? – diýsem,
– Maňa Hudaý köp ýaş berdi (ol şo wagt 80 ýaşyndady). ýöne ony azarly berdi. Deň-duşam galmady – diýdi.

***

Çaryýar Garajaýew, filologiýa ylymlarynyň kandidaty:
– Obamyzda Alşa diýip bir adam bardy (Bagyrda). – Meni toý bolanda ýüküň üstüne çykarýardylar. (Ýüküň üstüne çykan adam gaty baý adam bolmaly. Ol bir baýyň ogly bolan bolmaly. Ol toýuň ähli keşigini özi çekýän eken). Bir gezek ýabyň içinde iki sany ak ýylan çolaşyp ýatan eken. Men şolary uly daş bilen öldürdim. Öldürip, ýöräp başladym weli büdüredim. Öýe gelýänçä büdräp geldim. Şondan soň işim şowuna bolmady. Garyp galdym – diýýän eken.
Alşanyň bir kiçijik kepbesi, bir pişigi, kepbäniň ýokarsynda-da alaja ýylany bar eken. Tirýek çekende tüssesine pişigem, ýylanam melul bolup galýan eken. Alşa ölenden soň pişigi-de, ýylany-da ölüp galdy.

30. 11. 10. (sişenbe)

Düýn öýlän daça gitdim. Çoganly şäherçesine giremde, ýoluň ugrunda duran bir maşynyň nomerine seretdim. Göwnüme bolmasa, onuň başky sany 19-dy. Soňky sany näçedikä diýip 5-10 sekunt kellämde aýladym. Soňam dilime geleni 19-61 boldy. Şo wagtam gapdalymdan “Jip” kysymly ýeňil maşyn göründi Çepimdäki maşynyň nomerine seretdim – 19-61.
Bu ahwalata men haýran galdym. Tä daça barýançam pikir edip gitdim.

28. 12. 10. Sişenbe

Şu gije düýşümde äpet bir ýylany öldüripdirin.

02. 01. 1011 ý. Ýekşenbe

Magtymguly Pyragy öz dilinden başga-da birnäçe dili bilendir

diýip pikir edýärin. Özbek dilini bilenligine hiç hili gürrüň bolup bilmez. Çünki ol Şirgazy medresesinde birnäçe ýyl okapdyr. Şol ýerde okap, dil bilmezlige haky ýok.
Ilkinji nobatda onuň Nowaýyny öz ene dilinde okandygyna göz ýetirse bolýar.
Magtymguly ilkinji bolup halka düşnükli dilde ýazyp başlapdyr. Muňa kimiň täsiri bolupdyr? Men muňa ilkinji nobatda taryha zerurlyk diýip düşünýän. Galyberse-de, öz halypasy Nowaýynyň dil hakyndaky “Muhakemetul-lugateýi” (“Iki diliň degşirilişi”) işini okap, şeýle etmegiň zerurlygyna düşünendir.
Nowaýynyň pikiriçe, pars dilinde ýazmak bilen köpçülige öz pikiriňi düşündirip bolmaýar. Şahyr şu zerurlyga öz wagtynda düşünipdir. Pyragynyň geniallygynyň bir tarapy hem şudur!

***

Kürt sözüni tersine okasaň, türk bolýar. Türki tersine okasaňam kürt bolýar. Şu ýekeje sözdenem iki halkyň taryhyny öwrense boljak. Munuň üçin gadymy taryhy gowy bilmeli. Güýçli dilçi, güýçli etnograf, güýçli arheolog, güýçli taryhçy gerek.

04. 02. 2011 (anna)

31-NJI ÝANWAR – HASRATLY GÜN

31-nji ýanwar güni, birinji gün, agşam sagat 9-larda, ejemiz amanadyny tabşyrdy. Şo gün gündiz sagat 12-lerde Baýjan, Serdar üçümiz obadaşymyz Orazmyradyň üçüne görnüp, türkmen-türk keselhanasyna sowlup, ejemi soradyk. 1-nji palatada iki aýal bolup ýatyrdylar. Goňşy aýal demir ýol bolnisasynda çagasy bolandan maýyp eden ekenler. Ýedi gezek operasiýa edipdirler. Iň soňky maňlaýyny dirän ýeri şu ýer bolupdyr.
Ejem öňki güni “Meni öýe äkidiň” diýip, aglap elindäki gan damaryna barýan turbalary hem zyňyşdyrypdyr. Muny eşidip, irden ýanyna bardym. Ýagdaýy erbet däl. “Gaýdyber” diýensoň, daş çykyp Baýjana jaň etdim.
Men gaýdandan soň ejem ýene aglap, “Äkidiň” diýipdir. Ýogsam Baýjan “Şu günem bir gaýrat et” diýse, “Bolar balam. Şu günem

dözerin” diýipdi.
Soň inim ony öýlerine getiripdirler. Men 31-ne öýlän inime jaň edenmde aýaly ejemi getirendiklerini, öýe girende aljyrandygyny aýtdy. Salym geçmän ýene jaň etsem, Şanazar hojany getirdip, şumat okap durandygyny aýtdy. Men bada-bat öýden çykyp, Baýjanlara ugradym. Baýjan bilen Pirnazar oturan ekenler. Soň Serdar geldi. „Ýeňňem üýtgeýär” diýip, Baýjanyň aýaly gapydan girdi. Demi ýetenok. Medsestra çagyryp (goňşulary) eýfulin ukolyny etdiler. Ondan soňam hasam ýaramazlaşdy. Skorä jaň edildi. Bir ýerden Resul bilen wraç oglan geldi. Barlaýançalar ejem jan berdi. Ähli hossarlar ýygnandy. Skoryý ýogalandan 40 minutdan soň geldi. Agşam sagat 12-den işlände ejemi oba äkitdik. Irden 6-larda oba bardyk. 12-den işlände ejemi kakamyň ýanynda jaýladyk. Jynazasyna gaty köp adam gatnaşdy. Gonamçylykda 400-450 adam töweregi bardy. Şo gün ýagyş ýagdy. Ýagyşyň soňy gara ýazdy. Üçi güni (dördünji gün – 3. 02. 11) irden gar başlady. Üçüne-de gaty köp adam gatnaşdy. Üçüni sowup, ýola düşdük, Garrygaladan geçensoň syrgyn başlady. Zordan Gyzylarbada geldik – altylarda. Gyzylarbatdan Aşgabada çenli ýol doňaklyk, gar boldy.
Eemiň ýogalan agşamsy şahyr dostumyz Gurbanýaz Daşgynow hem ýogalan eken. Ol bir hepde bolnisada özüni bilmän ýatypdyr.
Jaýyňyz jennetden bolsun!

09. 03. 2011

Ýaňy Kakabaý Gurbanow bilen kompozitor Ata Esadowy sorap gaýtdyk. Ata agany tanar ýaly bolmandyr. Gaty hor. “Dawleniýäm gowy” diýdi. Megerem ony süýji keseli horlaýan bolmaga çemeli. Uly gyzy ýanynda. Gyzy maňa 3-nji klas üçin aýdym-saz kitabyny görkezdi. “Aýdymyňyz bar” diýdi. Haýsy aýdymdygyny gözläp oturmadym.
Köp oturmadyk. Hoşlaşdyk. “Ertir oba gidýän” diýdim. Muny gep ugruna aýdyp goýberdim. “Nämüçin?” diýip, çalajadan sorady. Gepi başga tarapa sowduk. Ýogsam men oňa “Ejemiň kyrky” diýip aýtmalydym. Gynandyrmajak boldum. Sesi çala çykýar. Iki elim

bilen elini gysdym. Ýaşulyň bolup oturyşyna ýürek gyýyldy.
Soň çykyp žurnalist, frontçy Ýazmyrat Sopyýewi soramaga gitdik. Olam Ata Esadow ýaly 1921-nji ýylda doglan. “Kömelek iýip, indi 2 aýdan bäri ýatyryn” diýdi. Meni tanady. “Allaýar!” diýip adymy tutdy. Ýady gowy. Gürrüň edişi ýerbe-ýer. Ýöne gulagy eşitmeýär. “Oturyp bilýänime, ine, 5-6 gün boldy” diýdi. Ozal ýöräp bilýän eken. 17 gün reanimasiýada bolupdyr. Ediljek zatlar edilipdir. Indem öýünde. Ýöräp bilenok. “Kömelek sebäp boldy” diýdi. “Allaýar, adam ömri puç eken. Her zat et, özüňe seret” diýip tabşyrdy.
Ýazmyrat aga professor Gurban Sopyýewiň inisi. Professor biziň mugallymymyzdy. Ýazmyrat aga ýene bir zat diýdi: “Bi hiç kime görkezmesin, ýürek bulanmasy köp wagtlap aýrylmady. Gaýtaraýyn diýsem gaýtaryp bolanok. Eger adam pessimist bolsa, onda bi kesel alardy” diýdi.

15. 03. 11

Ýaňy 1-iň ýarynda Ata Esadowyň üçünden geldim. Kakabaý Ylýasow bilen göründik. Ýegeni Aşyr Mämiliýew bilen görüşdik. Soň Kakajan Ezizow, Ýolaman Nurymow we birki sany adam geldi.
Aşyr Mämiliň ölmezinden öň meniň sorap gidenimden habary bar eken.
Ata Esat 13-ne ýogalypdyr. Men o wagt obada. Ejemiň kyrkyny obada belledik – 12. 03. 11.
Şu gün irden edara jaň edip, gyzy Ata Esadyň ýogalanyny, üçüdigini aýdypdyr. Men irden Ogulgeregi lukmançylyk institutyna äkidenim üçin irden işe görnüp bilmedim.

21. 03. 2011 ý.

19-na, şenbe güni Ata Esadowyň ýedisine göründim. Daşarda 5-6 sany adam. Aşyr Mämiliýewiň ýeke özi dur. Baryp salamlaşdym. 5-10 minut gürrüň edişemizden soňra, goňşularynyň öýüne girdik. Iki sany sakgally ýaşuly oturan ekeni. Oturandan soň, olaryň biri Aşyrdan: “Aşyr, seniň Ata nähili garyndaşlygyň bar?” diýip sorady. Aşyr oňa: “Men Lükgi serdarlardan. Aşgabada okuwa gaýdanymda babam Lükgi, mamam: “Şo ýerde daýyň

bardyr (Ata Esat – A. Ç.). şony tap” diýip sargadylar. Şondanam oňa “daýy” diýdim. “Şony ejemem aýdardy” diýip, Aşyr Mämili aýtdy.
– Babam Eziz hanyň ýüzbaşysy bolupdyr. Soň hökümede gulluk edipdir. Berdi Kerbabadan soň birnäçe gezek soradym: “Anyk ýadyma düşenok. Çala göz öňüme getirýän” diýerdi.
Lükgi babamyň kepil geçmegi bilen köp adam pensiýaly boldy. Özi weli pensiýa alyp bilmedi. Dokumentlerini ýitiripdir. Ýogsam Budýonnynyň goly bilen hatam bar eken.
–“Aşgabat” žurnalynyň redaktoram boldy-la. Kimdir ol (men oňa Şadurdy Çaryýewmi?” diýip aýtdym – A.Ç.). “Hawa, Şadurdy Çary, şolam köp gezek dokumentlerini tapjak boldy. Tapyp bilmedi. Ýogalanda ýaşy 80-den geçipdi – diýip, Aşyr Mämili aýtdy.
Aşyrlar 1-nji Babadaýhandan. Soň “Kommuna” göçüpdirler.
Ýaňky ýaşuly: – Oglan wagtymyz Tejene barýardyk. Gawun iýmäne – diýdi. Bossanlar nämäňizdi?
– Bossan eje diýýärdik. Hiç hili zadymyz däl. Obadaş bolansoň hemmeler “Bossan eje” diýensoň, menem “Bossan eje” diýerdim.
Barybir Aşyryň gürrüňinden onuň Ata Esada nähili ýegen bolýanlygyna düşünip bilmedim. Eje tarapyndan bolsa, onda Ata Esadam Lükgi serdaryň bir zady bolýan bolmaly.
– Lükgi näme many berýär – diýip sorasam, Aşyr: “Aý, on-a bilmedim. Ýöne adyň gysgalyp, şeýle bolan bolmagy mümkin” diýdi.
Menem oglan wagtym – 1954-nji ýylda Tejende, derýanyň boýunda birki ýyl ýaşandygymy oňa aýtdym. – Aý, hawa-da, Tejen çörekli ýerdi-dä – diýdi.
Men şol ýyl kakam bilen Tejene, enemi hem alyp, Tejene gidipdik. Otuzynjy ýyllarda Ilki milisioner, soň oba Sowetiniň başlygy bolup işlän atamyz, otuz ýedinji ýylda ýamanlanylyp, “halk duşmany” hökmünde Arhangelsk tarapda on ýyl jebir çeken atamyz Çary Baly tussagdan boşandan soň gardaşy Annamämmetler Baly bilen şo ýerde, Gazak obasynda ýaşaýardylar. Tejeniň merkezindäki seýil bagyna bagbançylyk edipdir. Muny soň maňa Begi Balynyň ogly Gaýyp gürrüň beripdi. Gaýybam şo döwürlerde şo ýerde ýaşaýan ekeni. Armiýa-da şo ýerden çagyrylypdyr. “Çary eke, meni goşuna alýarlar” diýsem, “Gidiber oglum,

gidiber” diýdi diýýär. Sebäbi Gaýyp gaty garagol eken. Rejep diýip iki aýagy ýok adam hem biziň goňşymyzdy. Eşegi ýatyryp münýärdi.
Şo döwürden bir waka ýadymda galypdyr: derýanyň ortasyndan arkasy jagyr-jugurly aýal göz öňümden gidenok. Gark bolaýmasyn diýip gorkýardym. Soňam jigim Aşyr ikimizi sünnet edişleri ýadymda. Obaň köçesinden gaçyşym göz öňümde. Agam Mämmetýaryň meniň yzymdan ýetip getirişi göz öňümde. 25. 03. 2011 (anna)
Bela Bagdasarowa jaň edip, Moskwada režissýor Bulat Mansurowyň ýogalandygyny aýtdy. Bulat “Şükür bagşy” filminiň režissýory. Ol 15-nji martda Botkin keselhanasynda aradan çykypdyr.
Jaýlamaga Moskwada ýaşaýan Alty Artykow, hudožnik Wladimir Artykow (Annaguly Artykowyň ogly), Hojaguy Narlyýew dagam gatnaşypdyr.
Bulatyň aýaly Galina Fransewna bilen biz teleradio komitetinde işläpdik. Ýalňyşmasam, ol komitetiň plan bölüminde işleýärdi. Bulat onuň bilen aýrylyşyp, Almaatada işlän bolmaly. Soňam Moskwada. Ol ýazyjy Konstantin Paustowskiniň bir garyndaşyna öýlenen bolmaly diýip ir wagt eşidipdim – diýip, Bela aýtdy.
Bulat Mansurowyň ýogaldy habaryny eşidip, Aşgabatdan Osman Saparow, Ilmyrat Bekmiýew hem gidipdirler.
Bela Bulat bilen ýakyndan tanyş eken.

12. 04. 11

Düýn (11. 04. 11. birinji gün) şahyr Annaberdi Agabaýew ýogalypdyr. Düýn öýlänem jaýlanypdyr. Öňki güni Kakabaý Ylýas bilen telefonda gürleşdik. Bolnisada ýatyp çykanlygyny aýtdy.
Annaberdiniň ýogalandygyny maňa şu gün Kakabaý Gurbanow jaň edip aýtdy. Üçi dördünji gün.
Ýatan ýeriň ýagty bolsun, Annaberdi!

26. 04. 2011

Agşamara Çoganlydan gelýärkem, duralgada uniwersitet mugallymym dilçi Hudaýberdi Bagyýew duran eken. Yzyma dolanyp, ony aldym. Özümi tanatdym weli, çep eli bilen arkama güteledip, “Bä-ä, sen Allaýarmy, men seni görmegiň

arzuwyndadym. Ölmäkem, görüp bolmazmyka?” diýip ýördüm. Sen ýüregime ýazylan studentim-ä” diýdi.
1971-de gutaryp, ony göni 40 ýyl geçenden soň görenime şatlandym. Öýünde goýdum.

29. 05. 2011

Düýn Azatlyk raýsobesinde onuň işgäri Maýanyň elinden pensiýa hakdaky depderçäni aldym.
Pensiýanyň möçberi 581 m. Potologyna 4 manat ýetenok.
24. 06. 11

Myrat Jumaýew bilen Türkmenbanka bardyk. Annaoraz aga bilen hal-ahwal soraşaly diýip ikinji gata mündük. Annaoraz Çaryýew – uruş weterany, özem otstawkadaky general-maýordy.
Açyk gapylardan bir ýaş oglandan “Annaoraz aga barmy?” diýip sorasam, ony tanamajak boldy. “O kabinetde-hä bir kiçijik ýaşuly oturýardy. Ýakynda ýogaldy” diýdi weli, birhili bolup gitdim. Annaoraz aga bilen soňky gezek şu ýylyň 3-nji martynda poliklinikada görşüpdik. Jaýyny ýykan ekenler. Ýaşuly şoňa gaty gynanypdyr.
Ýatan ýeriň jennetden bolsun, Annaoraz aga!

07. 07. 11 (anna)

Şu gün Atajan Tagan telefonda şu zady gürrüň berdi: – Hekaýany çap etdirmek kyn. Men “Edebiýat-sungata”, baş redaktoryň kabulhanasyna baryp oturan gyzdan “Redaktor ýerindemi?” diýip soradym. “Hawa, ýerinde, giriberiň” diýse-de, men medeniýetli boljak bolup: “Atajan Tagan gelipdir. Siziň ýanyňyza, soraýar diý” diýdim.
O gyz girip çykdy-da, “Redaktor işli. Kabul edip bilenok” diýdi. Men birhili bolup, yzyma gaýtdym.
Baş redaktor Baýram Sähedow. Şu gün menem jaň edemde, telefony göteren gyz “Kim soraýar?” diýdi. Men adymy, familiýamy aýtdym. “Ýaňy çykdy. Öýlän sagat üçlerde jaň edäý” diýdi. Men oňa: “Ozalam jaň edemde, siz şunuň ýaly jogap berdiňiz” diýemde, “Üçlerde jaň edäýiň” diýip, trubkany goýdy.

Atajan telefonda “Aý bolýa-da, “Tihonow, Markow ýaly adamlar kabul edinen Atajan indi seni bir kiçijik redaktor kabul edenok” diýip, içimi gepletdim – diýdi.
Ol telefonda: – “Diýaryň” dokuzynjy sanynda rubagy bölümini berjek, iki bentden – diýdi. Atamyrat Atabaýew, Oguljemal Çaryýewa dagy getirdi. Atamyradyňky gowşak. Ýene kim bar? – diýdi. Men: – Amandurdy Annadurdyýew bar – diýsem, – Hawa, onuň iki rubagysy ýadymda. Mämmediň rubagylary bar. Biri: “Kerim rubagy ýazmady” diýdi. Men “Kerim aganyň otuz töweregi rubagysy bar. Bir kitabynda ýerleşdirilen eken” diýsem, “Tapsaň, şolardanam getir” diýip, Atajan aýtdy.
Atajany redaktoryň kabul etmeýşini Azat Rahmana aýtsam, “Hawa, Atajan ýüzi birhili bolup meniň ýanyma geldi” diýip, ol aýtdy.
Ine, saňa gerek bolsa ussadyň kemsidilişi.

11 07. 11 (duşenbe)

Şu aýyň 9-na aragatnaşyk institutynda ýygnak boldy. Ýygnakda birtopar ministrler bilen arhiwiň başlygy Maýa Mollaýewa hem çykyş etdi. Gysgajyk çykyşynda üýtgeşik aýdan zady ýok. Gowşak.
Ýygnakdan çykamyzsoň taryh ylymlarynyň doktory Ýazgylyç Orazgylyjow bilen bile gaýtdyk. Ol “Maýa Mollaýewa iki gezek awariýa boldy” diýdi. Onuň mundan habary bolmaly, çünki onuň aýaly Bibisenem Orazgylyjowa Mollaýewa bilen bile işleýär.

28. 07. 11.

Düýn Imran ikimiz internete girdik. Gerekli saýtdan meniň familiýamy tapdy. Internetde meniň bäş kitabymyň satylýandygy (“Çynar”, “Ýüregiň emri bilen”, “Türkmen kompozitorlary hakynda söhbet”, “Zeminiň owazy”, ýene bir kitap) hakdaky habary okadyk. Biblius diýlip atlandyrylýar. Şo ýerde Çüriýewiň familiýadaşy bar diýip hem görkezilipdir. Familiýadaş Allar Çüriýew. Megerem, bi internetiň ýalňyşymyka diýýän.
Şo ýerde Nikolaý Golowkiniň makalasy bar. O ýerde “Türkmenistanyň görnükli şahyry Allaýar Çüriýew meniň kakam

hakda ýazdy” diýip ýazypdyr we ş.m. Başga bir makalada 1991-nji ýylda Owganystana gidişimiz hakda ýazylypdyr. Ony başgyrt žurnalisti Hajyýew ýazypdyr.

29. 07. 11.

Arada institutda oglanlar bolup gülşüp otyrdyk. Institutyň işgäri Ata Gylyç öz bölümlerinde bolan bir wakany gürrüň berdi.
– Gülnaryň (sözlükçi) gulagy agyr. Gowy eşidenok. Şonuň üçinem ol aýtjak zatlaryny işdeş ýoldaşy Jemal Hojageldiýewa (ol Nargylyç Hojageldiýewiň gyzy, f.y.k., Gülnaram f.y.k.) kagyza ýazyp berýär. Birki sözlemem däl, giden bir zatlar.
Jemal oňa aýtdy:
– Sen maňa ýazyp berme-de, dilden aýt – diýse, Gülnar:
– Ýok, ýazyp berjek – diýdi.
Çünki Jemalyň gözi gowy görenok. Olam sözlükçi.
Aý, garaz biriniň gulagy ker, biriniňem gözi kör.
R.S.: Onsoň türkmen diliniň düzüwli sözlügi nirden bolsun!

29. 07. 11 ý. (anna)

Düýn Gurban Hallyýewiç Agalyýew ikimiz onuň Çoganlydaky uçastogyny gözläp tapyp, daçalygyň içi bilen maşynly gelýärkek, iki sany ýaş gyz “bizem mündüriň” diýip yşarat etdiler. Maşyny sakladym. “Ýol ugrundaky kommerçeskiň ýanyna çenli äkidäýseňiz” diýdiler. 3-4 minutlyk bolsa-da gyzlar bilen tanyşdyk. Gyzlar Tagtadan ekenler. Gurban “Menem tagtaly, raýon merkezinde kimiň heýkeli oturdylan” diýip sorasa, “Göroglyň heýkel-ä bar” diýdi. “Başga kim bar?” diýip sorady. Bilmedi. “Ýöne Durdy Gylyjyň heýkelin-ä aýranlaryny bilýän. Onuň kellesiniň, gollarynyň, aýaklarynyň hersini bir ýanyna pytranyny gören adamlar gaty gynandylar. Beýtmeli däldiler” diýip aýtdylar” diýip, gyzlaryň ekabyrragy aýtdy. Men öz ýanymdan: “Durdy Gylyç şahyryň günäsi nämekä?” diýip oýlandym. “Sowet Türkmenistanynyň şahyry bolanlygy” onuň ýeke-täk günäsidir” diýip, öz içimden oýlandym.
Gurbanyň “Başga kimiň heýkeli bar?” diýmeginiň sebäbi belli.

Ol tagtaly Sowet Çoýuzynyň Gahrymany Annagylyç Ataýewiň ýadygärligini gyzlara aýtdyrjak boldy. Sebäbi Annagylyç Ataýewiň gyzy Gurban Hallyýewiçiň ýan ýoldaşydy.
Gyzlar Gahrymany oňly tanamaýanam ekenler. Neresseler iş gözleginde şäheriň bir çetinde ýaşaýan bolarly. "Daçalygyň içinde 3-4 otagly gowy jaýlaram bardyr-la. Ýöne özümiz kän bir onuň gözlegine çykamyzok-da" diýdiler. Sowet döwründe bu gyzlar iş tapman, okuwa girip bilmän ýörmezdiler. Belli bir hünärli bolmaly gyzlaryň ýat ýerde horlanyp ýörüşlerine haýpym geldi. Belki-de, olar horlanýanam däldirler welin, ýöne barybir nämüçindir bu ýaşlaryň ýagdaýyna gynandym.

02. 08. 11. Sişenbe

Şu gün el telefona pul salmak üçin 30-njy mikroraýondaky bazaryň ýanyndaky edara girdim. Arakesme diýensoňlar daş çykdym. Gapydan çykdymam weli, iki sany ýaş ýigit elleri nosilkaly gelýär. Öňdäki ýigit birden "Aşygyňy ýakma beýle, juwan kalbym sende gyz" diýip, batly ses bilen aýdyma gygyrdy. Men durup bilmän "Aýdymyň awtoryny tanaýaňmy?" diýip soradym. "Ýok" diýensoň, men "Aýdymyň goşgusyny ýazan men" diýmeseň-de boljakdy welin, saklanyp bilmän aýdyp goýberdim. Olam: "Agam, gowy aýdym ýazypsyň, molodes" diýdi. Bu ahwala geň galmazça-da däl.
Şu gün ilkinji gezek doly pensiýamy aldym. Geçen aýda – iýulda onuň ýarysyny berdiler. Sebäbi pensiýa ýaşym 15-nji iýulda dolupdy.

* * *

Şu gün taryhçy alym Aleksandr Aleksandrowiç Ýeskowy öýümiziň ýanynda gördüm. Salamlaşdyk. "Men Siziň portretiňizi gördüm" diýdi.
– Nirede?
– Durdy Baýramow diýip hudožnik bar. Onuň gyzy Dubaýa durmuşa çykdy. Hudožnigiň 70 ýaş toýuna gyzy howandarlyk edip, kartinalarynyň kitabyny çykardypdyr. Şonda siziň hem portretiňiz bar eken – diýdi.

Men oňa munuň üçin minnetdarlyk bildirdim.

03. 08. 11

Atajan Tagan “Diýar” žurnalynda işleýär. Ozal biziň institutymyza işe girjek boldy. “Propiskasy Aşgabada däl” diýip, işe almadylar. Arada telefonda gürleşenimizde: “Allaýar, her kimden iki bent rubagy berjek. Senem iki bent getir” diýensoň, oňa 4 bent rubagy äkidip berdim. Şu gün Atajan öýe jaň edip, “Redaktor (Gurbannazar Orazgulyýew – A. Ç.) “Guragrak- diýdi. “Başga ýönekeýleňden getir” diýdi. “Ýoluň düşse getirip git, sensiz gitmesin-le” diýdi.
Şo beren rubagylam redaktor üçin guragrak bolsa, başga nähili rubagy bereýin.
“Dagyň beýikligini görmegiň üçin, Daga çykmak hökman däldi, atam” ýaly setirler gurak dälmikä diýýän. Ine, Gurbannazar Orazgulyýewiň gurak dörýän grubagylary:

Ne owadan, läläm, ýaňakda halyň,
Ýaman gözden aman saklasyn, janym.
Ýüzärlik tütetdiň “göz degdi” diýip,
Wah, onuň dänesi ýaňakda, hanym!

XXX

Keremli daglarym, men size bendi,
Istemen dünýäde başga bir kendi.
Dolar bolsa eger meniň peýmanam,
Gojaman daglardan göteriň meni!

XXX

Baýguşdyr bürgüdiň çüňki birmeňzeş,
Gün dogýar Zemine – çünki birmeňzeş.
Şu gün biri bir zat diýdi, oý etdim:
“Ot bilen gyzylyň reňki bir meňzeş…”

XXX

Ajal gelip gitdi o gün ýanyma,

Talaň saljak eken şirin janyma.
Ýar lebinden melul bolup ýatyrkam,
“Dözmedi” diýdiler meniň halyma.

04. 08. 11 (penşenbe)

Şu gün täzeliklerde (Ýewronews) otuz ýyllap Ýegipete Prezidentlik eden Mübärege sud edilýänligi hakda habar berildi. Mübärek gözenegiň aňyrsynda. Özem keselhananyň kotalkasynda ýatan ýerinden jogap berýär. Mübärek parahorlugyň simwoly diýip aýdýarlar. Ony şeýle hem 800-den gowrak adamyň ölümine sebäpkär hökmünde aýyplaýarlar. Tebigatda hasapsyz zat bolmaýar. 83 ýaşly Mübärek şeýle gözgyny ýagdaýa düşjegini bilibem, özüni heläkläni gowy eken diýdirýär. Elbetde, muny etmezliginiň hem öz sebäbi bardyr diýýän.
Şu ýerde bir anekdot ýadyma düşdi: Iki ýewreý. Awram türmede. Moiseý onuň yzyndan barýar.
– Awram jan, bu ýerde nähili naharlaýarlar?
– Gaty erbet. Suw bilen çörek.
– Iýjegiň suw bilen çörek boljak bolsa, ony öz öýüňde iýip bilmediňmi?..
Mübäregem döwlet başynda otuz ýyllap oturman, öz wagtynda abraýly giden bolsa, gör, nähili gowy bolardy! Halky goýun sürüsi hasaplaman, halkyň döwlet ýolbaşçysyndan ir-u–giç hasap sorajakdygyny äsgermeýän adamlaryň ählisiniň takdyrynyň keç bolandygynyň näçe gezek şaýady bolupdyk. Adam pahyr çig süýt emen-dä! Taryhyň sapaklary özüne degişli däl diýip düşünýändir-dä!
Barybir, eli bilen eden, egni bilen çeken ýagşy!

* * *

Düýn şahyr Azat Rahmanow bilen telefonda gürleşdik. Azat bilen indi otuz ýyla golaý günde ýa günaşa, 3-4 günden bir telefonda gürleşmek däp bolup galypdyr.
Ol täze ýazan goşgularyny okap berýär. Menem öz ýazan zatlarymy. Azat gowy şahyr. Oňa söz ýok. Ýöne ony pensiýa çykyp, “Edebiýat we sungat” gazetinde işläp ýörkä ýerliksiz

öýkeletdiler. Täze gelen redaktor sygdyrmady. Üstüne çaga haýbat atylyşy ýaly haýbat atypdyr. Ahyry ol çydaman gurjak teatryna işe geçdi. “Iş ýerim gowy” diýýär. Azat türkmen ýazyjy-şahyrlarynyň arasynda biri köp okasa, şol Azatdyr diýip pikir edýän.
Ine, düýn telefonda “Ýagşy söz” diýen goşgusyny okap berdi. Gül bilen oglanjygyň arasyndaky söhbetdeşlik. Gowy goşgy. Şonda Azat bu goşgyny ýazmagynyň esasynyň bardygyny, birinji gezek muny maňa gürrüň berýändigini aýtdy. 5-6 ýyllykda Azat obasyna, “40 ýyllyga” baranda howludaky açyljak bolup duran bägüli ogşadym welin, birden ýalpyldap açylyp gitdi, birhili özümem muňa gorkup gitdim – diýýär. Gülem adamyň mährini duýsa, adamyň göwnüniň açylyşy ýaly, açylýan eken.

* * *

Şumat (0949) “Diýardan” Atajan Tagan jaň etdi. “Garaguma” rubagylaryňy beren ekeniň. Öňküden birinji rubagyň howply däl, şony aljak, beýlekisinem, häzir žurnaldan getirip berdiler. Şoň içinden alaryn. Gelip azara galyp oturma, elbetde, geleniň gowy, ýöne yssyda heläk bolma” diýdi.
Men oňa minnetdarlyk bildirdim. Redaksiýada işleýäniň her biri Atajan ýaly bolaýsady!

* * *

O gün, has takygy, öňňün Hudaýberdi Diwangulyýewe (“Zaman” gazetiniň redaksiýasy) jaň edip, ony 70 ýaşynyň dolmagy bilen gutladym. Men 15-nji iýulda, ol ýa 17 ýa-da 18-nji iýulda doglan. “Gijem bolsa 70 ýaşyň gutly bolsun” diýdim.
– Gutlap, şahyra Oguljemal Çaryýewa jaň etdi. Men oňa şeýle diýdim: – 70 ýaşy gutlap, tanyş gelinleriň biri jaň edip:
– Ýüňi ýeten goç ýigidiň ýanynda
Altmyş nedir, ýetmiş nedir, ýüz nedir –
– diýdi diýdim. Oguljemalam:
– Halypa, ozalam oýnatgydyňyzy bilýädim. Ýene seni oýnapdyrlar – diýdi.
Bu ýerde gürrüň goç ýigit hakynda däl, duşmanyň hakynda

aýdypdyr diýip, gülüşdirdi.
Hudaýberdiniň 70 ýaşyny Azatdan eşitdim. Azadam ony bir zatdan bilipdir. Onuň goşgusyny üç nomerde “Zamanda” berlipdir. Munuň üçin Hudaýberdä minnetdarlyk bildirmek üçin redaksiýa jaň edipdir. Şonda muny Hudaýberdiň özi aýdypdyr.
Hudaýberdi bilen men 1971-nji ýylyň iýul aýyndan bäri tanyş. Ol şo wagt “Ýaş kommunist” gazetiniň redaktorynyň orunbasary bolup işleýärdi. Men uniwersiteti şo ýyl tamamladym-da, iş sorap redaksiýa bardym. Has takygy, meniň üçin LKSMT MK-nyň sekretary Gurban Agalyýew gazetiň redaktory Annadurdy Myradowa jaň etdi.. Gurban Gyzylarbatda komsomolyň sekretary bolup işlänsoň kakam ony gowy tanaýardy. Ýeri gelende aýtsam, ol biziň garyndaşymyz hem bolýan eken. Onuň garry enesi Oguldöndi meň ejemiň daýzasy bolmaly. Babam Hudaýberen serdar Babasadyk oglunyň bäş aýal dogany bolupdyr. Oguldöndi şolaryň biri.
Ine, onsoň men Annadurdyň ýanyna bardym. Olam: „Bir hepdeden habar tut” – diýensoň, aýdylan wagty ýene, redaksiýa barsam, ol birhili keýpsiz “iş ýok, ýerler zanýat” diýdi. Birhili boldum. Geçen gezek işlejek bölümem aýdypdy. Şondan bir hepde – ýarym hepde geçensoň, ol ýogaldy. Ýalňyşmasam, Gökjede ýaşaýan bolmaly. Soň Hudaýberdiň ýanyna bardym. Ol meni işe aldy.
Men propaganda we agitasiýa bölüminde işe başladym. Menden öň bu ýerde Baýramdurdy Rejebow işleýän eken. Ony komsomol durmuşy bölümine geçirdiler. Baýramdurdy Rejebow talantly žurnalistdi. Ýaşap ýören bolsa ajaýyp oçerkleriň birtoparyny ýazardy. Onuň Medeniýet Şahberdiýewa hakynda ýazan oçerki häzirem ýadymda.
Baýramyň işleýän bölümine ökde žurnalist Ýazly Ataýew müdirlik edýärdi. Nämüçindir Baýramdurdy öýünde öz janyna kast edipdir.. Neresse öňdenem bir näsagrak adama meňzeýärdi. “Ýaş kommunistde” iki ýyl işlämsoň, meni (1971–1973) 1973-iň sentýabrynda Ýokary komsomol mekdebine (Moskwa) okuwa iberdiler. Hudaýberdi redaktordy. 1975-de tamamlap, “Mydam taýýarda” jogapkär sekretar bolup işledim. Redaktor Saparmyrat Gurbanow.
R.S.: Hudaýberdiniň “Ýaşkoma” işe geçmegine-de Gurban ýardam

edipdir. Muny maňa soň Gurbanyň özi aýtdy. Çünki onuň aýalynyň ejesi (Gahryman Annagylyç Ataýewiň aýaly) bilen Hudaýberdiniň aýal dogany Annagül Diwangulyýewa öňden tanyş. Ol aýal söwda ministriniň orunbasary bolup hem işläpdir…

* * *

Birküç günden bäri howa gaty yssy. Goňşymyz Swetlana 54 gradus boldy diýýär. Howa bu günem yssy boljak. Aýyň 6-syna çenli howa şu ýagdaýda boljak diýip internet habar beripdir.

05. 08. 11.

Şu gün internet boýunça howanyň temperaturasy 4700 gradus bolmaly. Irden howa eýýäm petiş. Munuň üstesine togam ýanyp–öçüp dur..
Kondisionersiz öýde oturar ýaly däl.

06. 08. 11.

Ýaňy TW-de “Läläm, gideliň bäri”, “Gel, obamyň lälesi” atly aýdymlarymyz klipde ýaňlandy. “Gel, obamyň lälesiniň” aýdylyp başlanyna şu ýyl 43 ýyl doldy (maý, 1968 ý.), “Läläm, gideliň bärine” hem, ýalňyşmasam ,40 ýyla golaý geçipdir. Diýmek, aýdymlar garramaýar.
Düýn Azat Rahmanow bilen telefonda birtopar zatlaryň başyny agyrtdyk. “Ýatlama ýaz” diýýär. Ýatlama ýazsaň ýazybermeli. Birtopar adamlar bilen işleşdik. Birtopary ikilik etdiler. Şadurdy Çarygulyýew bilen “Edebiýat we sungatda” bile işleşdik. Bir gezek ol meni ýüňsakgal etdi. Gazetde D.Nuralyýewiň “Şahyr bolçulygynda şygyr gytçylygy” atly makalasyna seslenme berýärdik. Öwezdurdy Nepesow hem Atamyrat Atabaýew hakda redaksiýa makala getiripdir. Makala şahyryň goşgularynyň şowly we şowzuz taraplary hakda.
Bir gün zalda Öwezdurdyny redaksiýadan çykyp barýarka sataşdym. Ýagdaýyny soradym. “Makala getir” diýdim. Ol şonda maňa “Atamyrat hakda makala getirdim weli, ony Şadurdy alypdyr-da, başgaça, düýbünden tersine edipdir. Materialy okadym. Bolar ýaly däl. Meniň gowy diýip ýazanlarymy aýryp,

diňe tankydy belliklerimi goýaýypdyr” diýdi.
Materialy okap gördüm. Öweziň aýdyşy ýaly (men o wagtlar “Edebiýat we sungatyň” jogapkär sekretarydym).
Men bu hakda baş redaktor Kakaly Berdiýewe aýtsam, ol “Materialy özüňde sakla. Häzir men otpuska gidip barýan. Gelsem, Hojamy işden kowmasam bolmaz (sebäbi Kakaly Berdiýew Hojamyň – Şadurdynyň işinden düýbünden nägiledi. Muny her gezek gaharlanyp aýdýardy. Redaksiýadan daşary çykmaly däl zatlaryň käwagt mälim bolmagyna – mysal üçin, gazetde ertirki gitjek material babatda hem şeýledi, ol muny Şadurdy bilen onuň ýanyndaky ýoldaşyndan görýärdi). Men materialy Atajan Orazmyrada seýfiňde sakla diýdim. Aradan birnäçe wagt geçensoň Şadurdy meniň ýanyma gatnap başlady. “Materialy yzyna berseň. Käbir zatlaryna seretjek” diýdi. (Eýýäm ol bir zatlar syzan bolmaly. Özelenip ýalbardy. “Material mende dursun. Haçan sorasaňyz, men bererin” diýdi. Aglap otyr. Maşgala ýagdaýyny tutaryk edindi. Onuň şo wagtlar maşgalasy hem aýrylypdy. Ýalbaryp durşuna dözmedim.. Garaz, men onuň bolşuna ýüregim awap, Atajana “Materialy Şadurda ber” diýdim.
Kakaly otpuskadan geldi. Gelibem ilkinji soran zady şo material boldy. Men Şadurdydan materialy sorasam, ol “Materialy ýitirdim” diýdi. Gulagyma ynanmadym. Dilim tutuldy. Öz işdeş ýoldaşyň gözüňe seredip ýalan sözläp durşuna men durmuşymda ilkinji gezek şonda gabat geldim.
Kakalydan mazalyja käýinç iýdim. Soň-soňlaram ol muny maňa igençli ýatlatdy durdy.
1978-nji ýylda Fransiýa gidipdim. Gelibem fransuz temasyndan goşgular toplumyny ýazypdym. “Edebiýat we sungatda” çykyş etdim. Birnäçe wagt geçensoň maňa kinaýaly ýazylan bukja gowuşdy. Hatlara ilki redaktor seredýärdi. Kakaly haty maňa berdi. Okadym. Keýpim bozuldy. Döredijiligim hakda nähak zatlar ýazylypdy.
Bu hatyň ýazylyş stili öz redaksiýamyzda işläp ýören oglanyňka çalymdaşdy. Men bu hakda oňa hiç zat aýtmadym. Men o wagtlar baş redaktoryň orunbasarydym. Soň 1986–njy ýylda baş redaktor Kakaly Berdiýewiň öz haýyşy bilen ikinji gezek bu gazete işe gelemde ýaňky “stili meňzeş” diýen işgäri redaksiýada

gyrahladylan eken. Podçitçik derejesinde. Ýogsam, orta bilimi bolsa-da, öňler bölüm müdiri, redkollegiýa agzasy. bolup hem işläpdi.
Men işe başlap, az wagt geçensoň, bize täze baş redaktor bolup gelen Tirkiş Jumageldiýewe haýyş edip, ony öz ýanyma –sekretariata işe aldym. Bir kabinetde işledik. Oňa ähli erkinligi beripdim.

08. 08. 11 (duşenbe)

Şumat 10-larda Atajan Tagan jaň edip, “Diýara” beren goşgularym hakda gürleşdik. Gyssagly fleşka gerek diýdi, men “priýomnyda oturan gyzda bardyr” diýdim. “Bäş goşgyňy saýlap aldym” diýdi. “Atajan aga” diýip ýüzlensem: “Sen, ysluşaý, maňa Atajan aga diýýäň weli, sen menden ul-a” diýdi. Men güldüm.
Atajan bilen men indi 1974-iň ahyrynda Moskwada okan döwrümden bäri tanyş. Ol Moskwada işleýärdi. Bizi –Ýokary komsomol mekdebiniň diňleýjilerini – Aýjan Ataýewany, Aýbölek Hommaýewany, Gulýa Sakalowany, Oraz Aýdogdy bilen meni myhmançylyga – öýüne çagyrypdy. Biz barsak, Täşli Gurban hem bar eken. Ol dutar çalýardy. Ol soňam ýene çagyrdy. Meň ýeke özümem bolmagym mümkin. Täşli birinji çagyranda ýogam bolmagy mümkin, ikinjide bolmagam ahmal. Anyk ýadyma düşenok. Ýöne ikinji gezekde Atajanyň Berdi Kerbabaýewiň öýüne jaň edeni, telegrafda oturan gyzlara “Boris Mihaýlowiçi alyp beriň” diýeni ýadymda.
Boris Mihaýlowiç diýdigi Berdi Myradowiç eken. Berdi aga şo gezek öüýnde ýok.

* * *

Düýn oglanlaryň biri şuny gürrüň berdi:
– Geçen ýylyň tomsunda oba hojalyk uniwersitetinden studentleriň 50-60 sanysy Belorussiýanyň traktor zawodynda praktika geçmek üçin gidipdirler. Oňa dekan we obadaş oglanlaryň biri ýolbaşçylyk edipdirler. Howanyň yssylygyna garamazdan, biziň studentlerimize gara balak, gara kostýum, ak

köýnek, galstuk, nyşan, tahýa geýdiripdirler.
“Howa yssy, penjegimizi çykarmaga rugsat beriň” diýip, dekan rektora jaň edýär diýýär. Rektoryň ýüregi ýarylara gelip, olaryň üstüne gygyrypdyr.

14. 08. 11

Öten agşam Kakabaý Ylýasyň agzyaçaryna bardym. 9-yň ýary. Molla gelmeli. Molla-da Nurmuhammet Saryýew. Öň SK-da bölüm müdiriniň orunbasary. Saparmyrat Nyýazowyň öňki başlygy. Nyýazow köp ýyllap şu bölümde instruktor bolup işläpdir. Haçanda ol 1985-nji ýylyň dekabrynda birinji bolanda, 86-yň ýanwarynda Saryýewi Garrygalaň birinji sekretarlygyndan boşadypdyr.
Nurmuhammet aga partiýadan çykarylypdyr.
Nurmuhammet aga gelip agzaçarda aýat-töwir okady. Men, Allamyrat Myradow, Ýazberdi, Allanur Rejebow, Aşyr Abdylla we birküç sany ýaş oglan bizem elimizi ýüzümize syldyk. “Her döwür – bir döwür” bolýandyr-da” diýdim. Allanur aga “Weli Muhadyň ogly Batyr bilen gaty dostdum” diýdi.
Batyr Aşgabat şäher arhitekturasynyň başlygy eken. Nury Orazmuhammedow ministr wagty ýaşaýan podýezdinde üç etaž galdyrjak bolanda, şoňa rugsat bermändir. “Nury soň şäher ispolkomynyň başlygy bolanda Batyry işden aýyrdy” – diýdi.
“Oraz Nazarowiçem, ogly Nuram hökümede bolsun diýip işlän adamlar däldi” – diýip, Allanur aga aýtdy. Gürrüňe Ýazberdi goşuldy:
– Orazmuhammedowyň Muha diýip ogly bardy. Şol türmä düşdi. Sowminiň başlygyka daýym Berdi onuň şofýorydy. Men türmäň naçalnigi. Daýym meni Orazmuhammedowyň öýüne äkitdi. Içýän adam däldim. Şonda Oraz Nazarowyç “Içemok” diýip, näçe aýak depsem-de, meni içirdi. Soň men içgili Muhanyň türmesiniň naçalnigine jaň edip, “Ony getirip git” diýip haýyş edip getirtdim. Gelýänçeler garaşdyk. Orazmuhammedow onuň bilen iki minut gürleşdi: “Sen Orazmuhammedow familiýasyny poha batyrdyň” diýip, sögündi.“Indem gerek zadyňy hanha, ol öýde eneň otyr, al-da git şu ýerden” diýdi” – diýip, Ýazberdi

aýtdy. Ýazberdi: “Men 37 ýaşymda polkownik boldum. Sebäbi üç ýyllap koloniýada bir adamam öldürilmedi. Men “Näme etseňiz ediň, ýöne adam ölmesin” diýip, türmede oturanlaryň hojaýynlary bilen gürrüň geçirdim.
Allanur aga: “Weli Muhat dagy Kaka tarapdan eken. Men muny Maral Muhammedowna diýip biri şäher ispolkomynyň başlygynyň orunbasary bardy. Ol Kakadandy. Weli aga bilen ol garyndaşdy. Şondan bilýän” diýdi.
Ertesi Kakabaý Ylýas irden 8-de jaň edip, “Daça gideňokmy?” diýdi.
Biz onuň bilen uzak gün daçada bolduk.
– Baba Annanow ýaş wagty gaty bezzatdy. Meni gaty urýardy. Üzüm sakçysam boldy. Ata münüp üzümi berk goraýardy. Rehimsizdi. Kakasyna Annam däli diýýärdiler. Ady Annadurdydy. Oba Sowetiň sekretarymyz onuň adyny Annanow diýip ýazdyrypdyr. «Nämüçin beýtdiň?” diýip barypdyrlar. “Aý, tapawudy näme” diýipdir.
Rahman Gelenow bilen Rejep Allanazarow ikisi goňşy ýaşaýardylar. Ikisi bileleşip powest ýazdylar. Soň olaryň gepi azaşyp, hersi özüçe ýazyp başlapdyrlar. Rahmanyňky “Ogulaý”- 25 sahypa., Rejebiňki “Obamyň gyzy”,-120 sahypa.
Kakabaý Ylýasow gürrüňini dowam eddi:
– Amantagan Begjanow meni gaty gowy görerdi. (Ol TKP MK-nyň bölüm müdiri –A. Ç.) “Meň ejem bilen şahyr Kakabaý Ylýasyň ejesi dogan” diýýärdi.
Meniň bölüm müdiriniň orunbasary bolmagyma-da Amantagan sebäp boldy. “Gapurow bilen aram gowy. Ýöne sen Maýa Mollaýewanyň ýanyna gitme” diýdi. Gapurow meniň bilen söhbetdeş boldy. Gapydan çykjak bolamda, “Ogul, sen Mollaýewanyň ýanyna girme” diýip tabşyrdy. Mollaýewa soň maňa: “Meni nämüçin habarsyz goýduňyz?” diýende, men: “Mundan Siz habarlysyňyz diýip pikir etdim” – diýdim. “O ýer çeken bu hakda maňa sala salmad-a” diýdi. Ýer çeken diýýäni Amantagandy.
Begjanow meniň ýazan hekaýalamyň diline ýokary baha berýärdi. “Sen döredijilik işinde işlemeli. Isteseň, saňa kömek edeýin. Döredijilik işine goýbereýin. Hawa, ugradaýyn diýmedi, goýbereýin – diýdi.

Onuň özi igdirdi. Kakabaýam igdir. Nämüçindir men atdaşy kän halamadym. Bir gezek öýünde myhmançylykda boldum. Özem, maşgalasam birhili adamlar eken.

18. 08. 11.

Kakabaý Ylýasyň gürrüňiniň dowamy:
– Mämmet Orus reanimasiýada diýdiler. Infarkt. Ogul-gyzy ýok. Garyndaşynyň bir ogluny ogullyga alan bolmaly.
Şumatky uniwersitetiň, garaz, şol ugurda ýerleşýän ýerlerden ozal suw akýan eken. Suw Guryhowdandan gaýdýan eken. Oňa il içinde garagorp diýýän ekenler. Geldi Ugurlylaň ýaşaýan ugrunda bagşylar ýaşapdyrlar.
Arap Gurbanyň aýalynyň ady Annagözel. Ol Nurjemal Durdyýewanyň aýal dogany. Arap şo wagtlar (uruş döwründe, uruşdan soň) radioda işläpdir. Radionyň başlygy hem Nurjemal. Arap Annagözeli almaly bolupdyr. Çünki Nurjemal Kakabaýyň ejesi Dursunjemala (hakyky ady Annadursyn), “Araby bogup öldürerin” diýipdir. 1949-njy ýylda ol öýlenipdir.
Çary Matal bilen Mämmet Orus garyndaş. Çary Matalyň ýogalan aýalyndan bolan gyz Hydyr Derýanyň ogly Ezize durmuşa çykan. Ýatlamalar